**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2019-njy ýylyň 21-nji noýabryndaky №127 buýrugy bilen tassyklanan**

**№ 1-balyk "Balygyň tutulyşy we gaýtadan işlenilişi barada hasabat" (aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Statistik hasabat "Statistika hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji maddasynyň ikinji bendine laýyklykda statistika edaralaryna tabşyrylýar.

№ 1-balyk formasyny balyk tutulyşyny (ösdürip ýetişdirileni goşmak bilen) we balyk önümleriniň öndürilişini amala aşyrýan, eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki ýuridik şahslar, olaryň şahamçalary we düzüm bölekleri, şeýle hem hususy telekeçiler (fiziki şahslar) özleriniň hakyky ýerleşýän ýeri boýunça formada görkezilen salga we möhletde tabşyrýarlar.

2. Ilkinji statistik maglumatlar ýaşyryndyr we olar jemleýji statistik maglumatlary emele getirmek üçin peýdalanylýar.

3. Döwlet statistik hasabatlylygyň № 1-balyk formasynda ýuridik şahslar boýunça maglumatlar, ýagny, şu ýuridik şahslaryň şahamçalary we düzüm bölekleri boýunça ýerleşýän ýerine garamazdan tutuşlygyna alynýar.

Wagtlaýyn işlemeýän kärhanalar hasabat döwründe harytlary we hyzmatlary öndüren bolsa, döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny haçandan bäri işlemeýändiklerini görkezmek bilen umumy düzgün boýunça tabşyrýarlar.

4. Ýuridik şahsyň hukugy bolan golçur kärhanalar, jemgyýetler döwlet statistik hasabatlylygyň № 1-balyk formasyny şu gollanma esasynda tabşyrýarlar. Düzüminde ýuridik şahsyň hukugy bolan golçur kärhanalary bar bolan esasy hojalyk jemgyýetleri ýa-da guramalar döwlet statistik hasabatlylygyň formasyna golçur kärhanalaryň maglumatlaryny goşmaýarlar.

5. № 1-balyk formasynyň 01 setirinde balyklaryň ähli görnüşleriniň tutulyşy baradaky maglumat görkezilýär. Balygyň gaýtadan önümçiligini we harytlyk ösdürip ýetişdirilişini amala aşyrýan kärhanalar (telekeçiler), balyk tutulyşy baradaky maglumata ösdürip ýetişdirilen we söwda ulgamyna ýa-da gaýtadan işleýän hojalyk subýektine tabşyrylan balyklary, şeýle-de ýörite howdanlara geçirilen we jogapkärçilikli saklanyş üçin kabul edilen balyklary görkezýärler. 02 setir boýunça ösdürip ýetişdirilen balygyň tutluşyny 01 setirden aýratyn bölünip görkezilýär.

Balyk tutulyşynyň maglumatlaryna indikiler goşulmaýar:

– balykçylar tarapyndan balykçylyk mahalynda şahsy sarp ediş üçin harçlanan balyklar;

– gaýry hojalyk subýektlerinden gaýtadan işlemek üçin gelip gowşan çig-balyklar we hökümetiň haýryna geçirilen balyklary;

– ösdürip ýetişdirmek üçin ýerlenýän howdan balyklary (kiçi balyjaklar, ýylky balyklar, bir ýaşar balyklary), şeýle-de ösümlik bilen iýmitlenýän iki ýaşar balyklar (tüňňi maňlaý, amur).

6. 03 setir boýunça gaýry kärhanalrdan (telekeçilerden) gaýtadan işlemek üçin alnan balyk önümleriniň (ýarym taýýar önümi, berlen we satyn alnan çig maly goşmak bilen) umumy möçberi görkezilýär. Bu möçbere täzeden satmak üçin alnan ýa-da satyn alnan balyk we balyk önümleri goşulmaýar.

7. 04 setirde gaýtadan işlenen we gaplanan balyk we balyk önümleri baradaky maglumatlar getirilýär. Bu bent indikileri öz içine alýar:

– balygy, balyk etini, balygyň gaýry etlerini, bagryny, işbillerini we balygyň täze tohumlyklaryny, sowadylan we doňdurylan.

– guradylan, kakadylan, duzlanan we şerebede ýatyrylan, tüssede kakadylan balygy; balygyň azyklyk ununy we tozuny;

– beýleki usul bilen taýýarlanan we gaplanan balygy; işbili we onuň ýerini tutýanlar;

– doňdurylan leňňeç şekillileri we guradylan, duzlanan ýa-da şerebede ýatyrylan suwdaky beýleki oňurgasyzlary; leňňeç şekillilerden edilen adam üçin iýmek üçin sarp edişe ýaramly tozlar we owuntyklar;

– taýýarlanan we gaplanan gaýry leňňeç şekillileri, mollýusklary we suwdaky oňurgasyzlary;

– balykdan, leňňeç şekillilerden we suwdaky beýleki oňurgasyzlardan edilen azyklyk däl uny;

– balykdan, leňňeç şekillilerden we suwdaky beýleki oňurgasyzlardan edilen azyklyk däl galyndylary.

Gaplanan balyk sirkede, ösümlik ýagynda, tomat sousynda we beýleki usullarda gaplanan balyklary öz içine alýar. Gaplanan balyk iki ölçeg birliklerinde hasaba alynýar: tonnada we müň şertli bankalarda. Şertli bankalara täzeden hasaplamagyň koeffisienti 0,353 deň. Gaplanan balygyň tonnasyny müň şertli bakla täzeden hasaplamagyň mysaly:

153 t gaplanan balyk : 0,353 = 433,4 müň şertli banka

7. 05 setirde täze balyklaryň ýerlenen möçberi baradaky maglumat, 06 setirde balygyň eksport edilen möçberini aýratyn görkezmek bilen.

8. 07 setirde bu kärhanada soňraky gaýtadan işlemäge (sowatmak, doňdurmak, guratmak, tüssede kakatmak, duzlamak, şerebe guýmak, gaplamak, balykdan önümleri öndürmek) berlen balygyň we balyk önümleriniň möçberi görkezilýär.

9. 08 we 09 setirlerde bu kärhanada soňraky gaýtadan işlemäge niýetlenen täze balygyň degişlilikde aýyň başyndaky we ahyryndaky galyndylary görkezilýär.

10. 10 setirde hasabat aýyndaky balygyň 1 kg üçin ortaça nyrhy getirilýär.

**Senagatyň statistikasy we seljerişi müdirligi**